# Oradur

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oradur ORADUR

*Ikinji jahan urşy ýyllarynda gitlerçiler Fransiýanyñ Oradur atly obasyny otlap, onuñ adamlarynyñ ählisini öldûripdirler.*

Gitlerçi general gazaba münýär,
Gitlerçi general serhoş bu mahal.
Elhençden elhençdi onuñ permany?
Niçik oýun turar bu ala säher?!

Çagajyklar süýji ukuda ýatyr,
Düýş görýär gözeller şirinden-şirin.
Betpäl pirim guryar, diñle Oradur,
Oýargyn sen mert ogullaryñ baryn!..

Oradur, Oradur, eziz Oradur,
Ýürekde bitmejek agyr ýara dur.

Bu gün şol ýarany ýeñletmek üçin,
Gelýär adam bary jümle-jahandan.
Perzendinden jyda düşen Oradur,
Nälet okaýar, ot syçraýar dahandan.

Gaýgy-hasrat eýeläpdir kalbyny,
Ony egsip bilmez ýyllar, asyrlar.
«Zemini uruşdan goralyñ!» — diýýär,
Mermere öwrülip, köýen nesiller.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular